Türkmenistanyň Prezidentiniň
2019-njy ýylyň 06-njy dekabrynda
çykaran 1526-njy karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanda çaganyň irki ösüşi boýunça 2020–2025-nji ýyllar üçin**
**MILLI STRATEGIÝA**

## I. Çaganyň irki ösüş ýagdaýynyň gysgaça seljermesi

Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr. Onuň mümkinçiliklerini adalatly esasda durmuşa geçirmek köp babatda çagalyk döwründen başlaýan irki ösüşe baglydyr. Bu ösüş adamyň beden, akyl we ruhy saglygy, özüne erk edip bilmegi, medeni we şahsy taýdan öz ähmiýetine düşünmegi hem-de başarnyklarynyň ösmegi üçin esas bolup hyzmat edýär. Bularyň ählisini gazanmak we çaganyň geljekde kämil adam bolup ýetişmegi üçin, ösüşiň ilkinji günlerinden başlap, çaganyň beden, akyl we ruhy taýdan kadaly ösmegi barada alada etmeli we ugrukdyrylmaly, şeýle-de oýun oýnamagy üçin wagt we oýun meýdançasy gerekdir. Şeýlelikde, çagalar, şol sanda Türkmenistanyň çagalary hem hukuk taýdan goraglydyr, olary doly hukukly şahsyýet hökmünde hormatlamak zerurdyr.

Umuman, çaganyň irki ösüşi XXI asyrda barha möhüm ähmiýete eýe bolýar. Bu Durnukly ösüş maksatlarynda we 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş babatda gün tertibinde öz beýanyny tapýar we Türkmenistan onuň ýörelgelerine ygrarly bolup durýar. Durnukly ösüş maksatlarynyň 4.2wezipesinde çaganyň irki ösüşi aýdyň beýan edilýär. Şoňa laýyklykda, ýurtlar 2030-njy ýyla çenli ähli gyzlaryň we oglanlaryň başlangyç bilim almaga taýýar bolmagy üçin, olary ýokary hilli irki ösüş şertleri, ideg we elýeterli mekdebe çenli bilim bilen üpjün etmeli. Şol bir wagtyň özünde 4.2 wezipe diňe bilime gönükdirilen bolsa, Durnukly ösüş maksatlarynda çaganyň irki ösüşine goldaw bermek has giňişleýin bolup durýar. Çaganyň irki ösüşini berkitmek garyplyga, açlyga, saglyga (şol sanda çaga ölümine), bilime, gender deňligine, suwa we arassaçylyga, şeýle hem deňsizlige degişli Durnukly ösüş maksatlarynyň azyndan ýedisini gazanmak üçin wajyp ähmiýetli diýlip hasaplanylýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) 2013-nji ýylda geçiren Çaganyň irki ösüşiniň ýagdaýynyň seljermesiniň netijelerine laýyklykda, Türkmenistanda çaganyň irki ösüşi üçin amatly şertleriň bardygy hem-de ösüşiň şeýle möhüm ugrunda düýpli özgertmeleriň ýokary depgin bilen durmuşa geçirilýändigi bellenilýär. Kiçi ýaşly çagalaryň

hukuklaryny berjaý etmegiň hemmetaraplaýyn hukuk we syýasy esaslary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, 2014-nji ýylda kabul edilen «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynda gönüden-göni beýan edilen bolsa, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynda» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynda» bu barada gysgaça beýan edilýär. Mundan başga-da, «Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasynda», şeýle hem bilim ulgamyny kämilleşdirmek barada Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlarynda we Hökümetiniň Çözgütlerinde çaganyň irki ösüşine goldaw berilmegine aýratyn orun berilýär. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan «Türkmenistanda enäniň, bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramagyň 2015–2019-njy ýyllar üçin Milli strategiýasynyň we iş meýilnamasynyň» hem-de «Türkmenistanda ösüş pediatriýasy we irki goşulyşma ulgamyny ornaşdyrmagyň Konsepsiýasy we ýerine ýetirmegiň 2016–2020-nji ýyllar üçin hereketleriň meýilnamasynyň» kabul edilmegi we durmuşa geçirilmegi çaganyň irki ösüşine örän uly goldaw berýär.

Türkmenistanda çaganyň irki ösüşi üçin toplumlaýyn ulgamyň döredilýändigi aýratyn bellärliklidir. Türkmenistanyň Hökümeti «Çaganyň irki ösüşi we ony mekdebe taýýarlamak boýunça 2011–2015-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Milli maksatnamasyny» girizdi, şeýle hem «Türkmenistanyň ilatynyň sagdyn iýmitlenmegi boýunça 2013–2017-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasyny» we şu maksatnamany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasyny», «Bilim hakyndaky» (2013-nji ýyldaky täze rejelenen görnüşi), «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakyndaky» (2013-nji ý.) Türkmenistanyň Kanunlaryny, «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2015–2020-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny», «Adamyň immun wirusy (AIW) ýokanjynyň ýaýramagyna garşy göreşmek boýunça 2012–2016-njy ýyllar üçin Maksatnamany» hem-de çagalary goramaga gönükdirilen Kodeksleri durmuşa geçirýär.

Umuman, bilim, saglygy goraýyş, iýmit, suw üpjünçiligi, arassaçylyk we gorag ulgamlarynda 7 ýaşa çenli çagalar üçin niýetlenen pudaklaýyn hyzmatlar bar. Munuň özi geljekki ýyllarda çaganyň irki ösüşiniň hyzmatlaryny bitewi ulgama öwürmäge mümkinçilik berýär we çaganyň irki ösüşi boýunça hereketleriň çäklerinde öňe sürmek üçin esas bolup hyzmat edýär. Mundan başga-da, işiň netijeliligini üpjün etmek üçin pudaklaryň özara sazlaşykly işlemegini we hyzmatdaşlygyny berkitmek zerur bolup durýar. Köp pudaklarda bu gulluklar

tarapyndan kiçi ýaşly çagalary mekdebe taýýarlamaga ýardam berildi. Bu bolsa, çagalaryň ýaşamak ukybynyň we beden ösüşiniň derejesini ýokarlandyrdy, kiçi ýaşly çagalar, olaryň ata-eneleri we çaganyň irki ösüşiniň edaralary üçin has tämiz gurşaw bilen üpjün etmäge ýardam berdi. Mysal üçin, 2015-nji ýylda Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan «Mekdebe çenli Döwlet bilim standartynyň» kabul edilmegi bu babatda ähmiýetli netije berdi.

Türkmenistan irki ösüş ulgamynda, şol sanda adalatlylyk we gorag meselelerinde has-da öňe gitmegi meýilleşdirýär. Umuman, häzirki wagtda pes üpjünçilikli maşgalalara we olaryň kiçi ýaşly çagalaryna, esasan hem käbir welaýatlardaky oba ýerlerinde ýaşaýan goldawa mätäç bolan maşgalalara goldaw bermek maksady bilen, ähli pudaklarda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň köpüsiniň kämilleşdirilmegi we berkidilmegi dowam etdirilýär. Şeýlelikde, maýyplyk we tebigy heläkçiliklere sezewar bolma töwekgelçiligi ýaly möhüm durmuş ýagdaýy bilen bir hatarda, ilatly ýerlerde obalaryň, şäheriň we sebitleriň maddy üpjünçilik ýagdaýyna garamazdan, esasy hyzmatlaryň hemmeler üçin deň derejede elýeterli bolmagyny üpjün etmeli.

2015-nji ýylda Türkmenistan boýunça syn geçirilende Çaganyň hukuklary boýunça Komitetiň jemleýji belliklerinde nygtalyşy ýaly, kiçi ýaşly çagalar, şol sanda maýyplygy bolan çagalar üçin netijeli bolmagyny gazanmak üçin, bu meselä has adalatly esasda çemeleşmek zerur bolup durýar. Şol bir wagtda pudaklaryň köpüsinde has täze, ygtybarly we toparlara bölünen maglumatlara bolan zerurlyk bar.

«Çaganyň irki ösüşi we ony mekdebe taýýarlamak boýunça 2011–2015-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Milli maksatnamasyna» laýyklykda, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrligi degişlilikde 0–3 we 3–7 ýaşly çagalar üçin jogapkärçilik çekýär. Bu ugurda durmuş goragy bilen üpjün edýän edaralaryň ornuny bolsa mundan beýläk kesgitlemek zerurdyr. Türkmenistanyň we BMG-niň arasyndaky 2016–2020-nji ýyllar üçin ösüş maksatly hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasynda, «Türkmenistanda eneleriň, bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramagyň» 2015–2019-njy ýyllar üçin Milli strategiýasynda we iş meýilnamasynda ykrar edilen derwaýys meseleleriň biri Türkmenistanda durmuş goragy ulgamynyň doly netijeliligini üpjün etmek bolup, ol kiçi ýaşly çagalary institusionalizasiýadan, zorlukdan, rehimsiz garamakdan we idegsizlikden goramak ýaly möhüm meseleleri öz içine alýar.

Bular bilen bir hatarda beýleki ugurlara hem üns bermek zerur bolup durýar, ýagny:

milli kanunlaryň has netijeli berjaý edilmegine we şol sanda çaganyň irki ösüşi boýunça hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegine;

adam gorlary bilen baglanyşykly çäklendirmeleri hem-de döwlete degişli däl düzümleri mundan beýläk-de ösdürmäge;

çaganyň irki ösüşi boýunça binýatlaýyn bilimi we iş ýerinde bilimini artdyrmaga, şeýle-de hünärmenleriň ýetmezçilik edýän welaýatlarynda goşmaça gözegçiligi amala aşyrmak üçin hünärmenleri we olaryň başarjaňlygyny peýdalanmaga;

çagany ösdürmek we oňa ideg etmek boýunça ene-atanyň bilimi we başarnyklary çaganyň geljegi üçin badalga almagy we mekdebe taýýarlanmagy üçin möhümdir.

Çaganyň irki ösüşi boýunça goşmaça pudaklaýyn meseleleriň ýene-de birnäçesini çözmek zerur bolup durýar. Mysal üçin, çagalary irki ýaşdan okatmak barada aýdylanda, barha ösýän islegi göz öňünde tutup, bilimiň ýokary hilli bolmagyny üpjün etmek zerurdyr. 2016-njy ýylda geçirilen barlagyň respondentleriniň 68 göterimi çagalaryň çagalar baglaryna gatnamagyny örän zerur hasaplaýarlar. Şol bir wagtda, oba ýerleri bilen deňeşdirilende şäherde mekdebe çenli bilimi alýanlaryň sany ýokary. Käbir ene-ata çagalaryny çagalar baglaryna iberip bilmeýärler. Kähalatlarda bolsa, olaryň özleriniň hem çagany mekdebe taýýarlamak üçin wagtlary ýa-da bilimleri ýeterlik bolmaýar. Çagalary mekdebe çenli çagalar edaralary bilen doly gurşap almak üçin, täze gurulýan çagalar baglarynyň gerimi giňeldilýär. Şeýle-de, häzirki wagtda 5 ýaşly çagalaryň mekdebe taýýarlykly gelmegini doly üpjün etmek üçin, bilim edaralarynda bar bolan goşmaça mümkinçiliklerden peýdalanmak işleri göz öňünde tutulýar. Başlangyç synplaryň okuw meýilnamasynda tebigy heläkçilikleriň töwekgelçiligini peseltmek boýunça resminamalary köpeltmek we kämilleşdirmek işleri zerur bolup durýar.

2016-njy ýylda geçirilen barlagyň netijesine laýyklykda, ene-atalaryň 84 göteriminiň çagalaryny başlangyç mekdebe ýerleşdirmegiň hökmanydygyny bilýändiklerine garamazdan, 4 ýaşdan uly çagalaryň mekdebe ýeterlik derejede taýýar däldigi ýüze çykaryldy. Maýyplygy bolan kiçi ýaşly çagalar umumy orta bilim berýän mekdeplerde bilim almakda käbir kynçylyklara duçar bolýar. Mundan başga-da, ýörite taýýarlykly mugallymlaryň sanyny artdyrmak we fiziki elýeterliligini üpjün etmek, şeýle hem has amatly ýaşaýyş-durmuş-medeni kadalaryny üpjün etmek zerurdyr.

Ýöne ilaty durmuş taýdan goramagyň degişli kanunçylyk we kadalaşdyryjy binýady pes goragly maşgalalara oňyn täsir etmegi berkitmäge gönükdirilen salgylaýyn kömeklere aýratyn üns bermek bilen, toplumlaýyn durmuşa geçirmegi köp talap edýär. Mundan başga-da, maýyplygy bolan kiçi ýaşly ýa-da hossarsyz

çagalary çagalar öýlerine ýerleşdirmegiň iň soňky çykalgasy hökmünde ulanylmagyny üpjün etmek üçin has köp tagalla edilmeli.

Saglygy goraýyş ulgamynda, şol sanda saglyk we maşgala lukmançylyk ulgamlaryny berkitmegiň esasy görkezijileri boýunça bu möhüm ugurlarda ösüş gazanyldy. Şeýlelikde, bu ugurda degişli tagallalaryň edilýändigine göz ýetirmek bolýar. Soňky ýyllaryň dowamynda saglygy goraýyş syýasatyna girizilen ähmiýetli özgertmeleriň arasynda «Türkmenistanda eneleriň, bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramagyň» 2015–2019-njy ýyllar üçin Milli strategiýasynyň we iş meýilnamasynyň, «Türkmenistanda ösüş pediatriýasy: çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma ulgamyny ornaşdyrmagyň Konsepsiýasynyň» we ony ýerine ýetirmegiň 2016–2020-nji ýyllar üçin hereketleriň meýilnamasynyň we «Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi wagyz etmek we goldamak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegini bellemek bolar.

Maglumatyň elýeter we ýokary hilli bolmagyny üpjün etmek, ilatyň baş sanyna düşýän lukmanlaryň sanyny artdyrmak, maliýeleşdirmegi berkitmek we bar bolan serişdeleri ulanmagyň netijeliligi ýokarlandyryldy. Kiçi ýaşly çagalaryň iýmitlenişi boýunça maksatnamany kämilleşdirmek we saglygy goraýyş ulgamynyň ilkinji halkasynda, şeýle-de göwreli we çaga dogurýan zenanlara lukmançylyk kömegini berýän edaralarda çaga mähirli gatnaşyk ýola goýuldy. Ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň görkezijileri Köp görkezijili klasterleýin synyň 2015–2016-njy ýyldan öňki maglumatlary bilen deňeşdirilende, käbir indikatorlaryň gowulaşýandygy bellendi: ir (dogumdan soň birinji sagatda) ene süýdi bilen iýmitlendirip başlamak – 73,4 göterim (59,8 göterim); 6 aýlyga çenli diňe ene süýdi bilen iýmitlendirilýän çagalaryň sany – 58,9 göterim (11 göterim); öz wagtynda goşmaça naharlaryň berlip başlanmagy – 82,3 göterim (41,3 göterim). Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň «Ene süýdüni emýän döwründäki we irki ýaşdaky çagalaryň iýmitlendirilişi baradaky» buýrugyna laýyklykda (2017 ý.), ýurdumyzda ene süýdi bilen üstünlikli iýmitlendirmek barada Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň maslahatlaryny ornaşdyrmak boýunça saglygy goraýşyň ilkinji basgançaklarynda sertifikasiýa geçirilip başlandy. Häzirki wagt 65 sany çaga dogrulýan edara we 3 sany saglyk öýi sertifikasiýadan geçdi.

«Türkmenistanda ösüş pediatriýasy we irki goşulyşma ulgamyny ornaşdyrmagyň Konsepsiýasy we ýerine ýetirmegiň 2016–2020-nji ýyllar üçin hereketleriň meýilnamasyny» amala aşyrmakda, ÝUNISEF guramasynyň ýardam bermeginde Ankara uniwersitetiniň hünärmenleri tarapyndan Çaganyň ösüşine gözegçilik etmek boýunça gollanmany ulanmak boýunça 3 sany milli we synag etraplaryndan 15 sany welaýat trenerleri taýýarlandy. Ýurdumyzyň enäniň we

çaganyň saglygyny goraýyş welaýat merkezlerinde we saglyk öýlerinde/merkezlerinde çaganyň irki ösüş otaglary döredildi we bu ugurdan 784 sany hünärmen taýýarlandy. Ankara uniwersitetiniň hünärmenleriniň ýardam bermeginde dünýäde ilkinji bolup, Çaganyň ösüşine gözegçilik etmek boýunça gollanmanyň elektron görnüşini Türkmenistanyň trenerleri ulanyp başladylar. Welaýatlaryň Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezlerinde howp toparyna degişli bäbekler üçin ýöriteleşdirilen gözegçilik otaglary açyldy.

Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezde neonatal skrining geçirilýär, bu bolsa nesil yzarlaýan keselleri wagtynda anyklamaga, bejermäge we maýyplygy azaltmaga ýardam eder. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen netijeli işler alnyp barylýar. «Çar tarapdan» radioýaýlymynyň «Ilkinji müň gün» gepleşiginde çykyşlar yzygiderli guralýar.

Ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegini bermek ulgamynyň özeni bolan patronaž ulgamyna baha bermek maksady bilen, 2012-nji ýylda geçirilen barlagyň netijelerine laýyklykda, dürli sebitleri hyzmatlar bilen üpjün etmekde bar bolan tapawudy aradan aýyrmalydygy, talaplary we teklipleri deňagramlaşdyrylmalydygy, patronaž hyzmatlaryny ýerine ýetirýän işgärleriň sanynyň artdyrylmalydygy, olaryň hünär bilimini, başarnyklaryny kämilleşdirilmelidigi we degişli gollanmalaryň/teswirnamalaryň üstünde işlenilmelidigi, şol sanda ösüş nogsanlyklaryna baglylykda, çagalara gözegçilik etmegiň derejesini has-da ýokarlandyrmalydygy ýüze çykaryldy.

Çaga beýnisiniň örän tiz ösýän wagty bolan irki döwürden onuň ösüşine itergi bermegiň zerurdygy ene-atalara, esasan hem oba ýerleriniň ilatyna düşündirilmegi zerur bolup durýar. Maşgalalaryň köpüsi kiçi ýaşly çagalary bilen oýun oýnaýan hem bolsalar, akyl taýdan ösdürýän oýunlary az oýnaýarlar. Mundan başga-da, ene-atalaryň aglabasy (89 göterimi) çaganyň ösüşine itergi bermek enäniň borjy diýip hasaplaýarlar, 41 göterimi bolsa çaganyň atasy hem bu işde möhüm orny eýeleýär diýip pikir edýärler.

Irki goşulyşma hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmak üçin ösüş pediatrlarynyň, psihologlaryň, jemgyýetçilik işgärleriniň hem-de çagalaryň ruhy taýdan saglygyna gözegçilik edýän beýleki hünärmenleriň sanynyň artdyrylmagy zerur bolup durýar. Mundan başga-da, dogrum wagtynda gaýrüzülmeleri bilen we pes agramly doglan çagalara gözegçilik etmekde anyklaýyş amallaryny hem-de kliniki tejribäni berkitmek, şeýle hem hünärmenleriň neonatal we antenatal ideg baradaky bilimini ýokarlandyrmak zerurlygy ýüze çykaryldy. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi Çaganyň ösüşine gözegçilik etmek boýunça gollanmanyň synag etraplarynda ulanylyşa girizilmegi ugrunda işleri amala aşyrýar. Bu gollanma hemmeler üçin elýeterli bolup, 42 aýlyk çagalaryň ösüşine baha

bermegiň hakykat ýüzündäki maglumatlaryna esaslanýar we ösüş nogsanlyklaryny irki döwründen ýüze çykarmagyň we goşulyşmanyň ykdysady taýdan amatly usuly hökmünde uly mümkinçiliklere eýedir. Çaganyňösüşine gözegçilik etmek boýunça gollanma türkmen diline terjime edildi we onuň elektron maksatnamasy synag esasynda ulanylyp başlandy.

Şu gysga seljermäniň netijesinde, Türkmenistanda çaganyň irki ösüşi boýunça pudagara hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy ýurduň öňde goýan maksatlaryny durmuşa geçirmekde uly mümkinçilikleri döretdi. Çaganyň irki ösüşi boýunça 2020–2025-nji ýyllar üçin hereketleriň strategiýasynyň çäklerinde bellenilen hyzmatlaryň toplumy bilen üpjün edilmegi ugrunda edilýän tagallalar Türkmenistanyň çagalarynyň sagdyn kemala gelmegi, doly derejeli iýmitlenmegi, kadaly ösüşi, howpsuz ýaşamagy, okuwda we durmuşda üstünlikleri gazanmagy üçin ähmiýetli orna eýedir.

## II. 2020–2025-nji ýyllar üçin strategiýanyň döredilmeginiň öňüsyrasynda, 2011–2015-nji ýyllar üçin «Çaganyň irki ösüşi we ony mekdebetaýýarlamak boýunça Milli maksatnamany» durmuşa geçirmekde gazanylan üstünlikler we ýüze çykan kynçylyklar

Çaganyň irki ösüşiniň 2020–2025-nji ýyllar üçin strategiýasy saglygy goraýyş, iýmit, bilim we durmuş goragy ugurlary boýunça öňden bar bolan syýasatyna hem-de milli öňdebaryjylyk ýörelgelerine esaslanýar. Çaganyň irki ösüşiniň 2020–2025-nji ýyllar üçin strategiýasy, hususan-da, 2011–2015-nji ýyllar üçin Çaganyň irki ösüşi we ony mekdebe taýýarlamak boýunça Milli maksatnamanyň çäklerinde amala aşyrylan işleriň dowamy bolan meseleleri çözmäge gönükdirilendir.

Şol çäklerde çaganyň bähbitlerini goramak üns merkezinde bolup, bu «Çaganyň hukuklary hakyndaky» Konwensiýada, «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynda, Türkmenistanyň beýleki degişli kanunlarynda ykrar edilen hukuklary doly we netijeli durmuşa geçirmäge, şeýle hem çaganyň doly derejeli kemala gelmegini üpjün etmek üçin niýetlenendir. Asyl manysyna görä, Çaganyň hukuklary hakyndaky we Maýyplaryň hukuklary hakyndaky konwensiýalar, 2015-nji ýylda olar barada berlen jemleýji bellikler, şeýle hem Durnukly ösüşmaksatlary boýunça Türkmenistanyň milli borçnamalaryny durmuşa geçirmäge ýardam berýär. Bu halkara ylalaşyklarynyň esasynda bu resminama goraga mätäç çagalaryň, şol sanda maýyplygy bolan çagalaryň bilimiň we ösüşiň ähli ulgamlarynda öz mümkinçiliklerini doly gazanmaga we olaryň howpsuzlyk hukuklaryny adalatly we yzygiderli esasda durmuşa geçirmäge ýardam berýär.

2011–2015-nji ýyllar üçin Milli maksatnamanyň umumy maksady, mekdebe çenli kiçi ýaşly çagalaryň hukuklarynyň esasynda olaryň mümkinçiliklerini artdyrmakdan, şeýle hem kiçi ýaşly çagalary kemala getirmekden, maşgalalara ýardam bermekden ybarat bolup durýar. Maksatnama bäş wezipäni öz içine aldy:

1) saglyk we ösüş standartlaryna (kadalaryna) laýyk gelýän çagalaryň sanyny artdyrmagy;

2) häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda, çagalary mekdebe taýýarlamak maksady bilen, olaryň beden, akyl we ruhy durmuş taýdan doly ösmegi üçin hemmetaraplaýyn mümkinçilikleri döretmegi;

3) çaganyň hemmetaraplaýyn kemala gelmegini (talabalaýyk iýmitlendirmek, irki ýaşdan okatmak üçin mümkinçilik, arassaçylyk endikleri we ş.m.) goldaýan we üpjün edýän, çaga dogry terbiýe bermäge we ideg etmäge ukyply ene-atalaryň sanyny artdyrmagy;

4) çaganyň irki ösüşiniň hem-de ony mekdebe taýýarlamagyň standartlaryny (kadalaryny) orta we ýokary hünär mekdepleriniň okuw maksatnamalaryna ornaşdyrmagy;

5) milli maksatnamanyň durmuşa geçirilişine baha bermegi we oňa gözegçilik etmegi, şeýle hem integrirlenen maglumat ulgamyny döretmek maksady bilen, standartlaşdyrylan hasabat ulgamyny ýola goýmagy.

2016-njy ýylyň iýul aýynda 2011–2015-nji ýyllar üçin Milli maksatnamanyň çäklerinde Türkmenistanda Çaganyň irki ösüşine ýardam bermek tejribesini kesgitlemek hem-de Çaganyň irki ösüşiniň 2020–2025-nji ýyllar üçin täze Strategiýasyny işläp taýýarlamak üçin sowalnama işlenip düzüldi. ÝUNISEF-iň hyzmatdaşlaryna we işgärlerine paýlanan sowalnama soňky bäş ýylyň dowamynda Çaganyň irki ösüşinde gazanylan möhüm üstünlikleri ýüze çykarmaga, şeýle hem bu ugurda işleri dowam etmegi we durmuşa geçirmegi talap edýän işleri kesgitlemäge ýardam berdi. Netijede, Milli maksatnama boýunça öňde goýlan maksatlaryň aglabasynyň durmuşa geçirilendigi anyklandy, ýöne şol bir wagtyň özünde aýry-aýry ulgamlarda işi kämilleşdirmek talap edilýär.

Çaganyň irki ösüşiniň syýasatyny hem-de kadalaşdyryjy binýadyny dolandyrmak we berkitmek bilen baglylykda, aýratyn hem 3 ýaşa çenli çagalara degişli düzgünler babatda ähmiýetli ösüşleriň gazanylandygy anyklandy. «Türkmenistanda eneleriň, bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramagyň» 2015–2019-njy ýyllar üçin Milli strategiýasynyň hem-de «Türkmenistanda ösüş pediatriýasy: çagalaryň irki öşüş ulgamyny ornaşdyrmagyň Konsepsiýasynyň» we ýerine ýetirmegiň 2016–2020-nji ýyllar üçin hereketleriň meýilnamasynyň işlenip taýýarlanylmagy we tassyklanylmagy Çaganyň irki ösüşini berkitmäge ýardam berýän möhüm tapgyrlar hökmünde bellenildi. «Bilim

hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny, «Mekdebe çenli Döwlet bilim standarty», 2011–2015-nji ýyllarda «Çaganyň irki ösüşi we ony mekdebe taýýarlamak boýunça Milli maksatnamasyny» durmuşa geçirmegiň çäklerinde mekdebe çenli çagalar edaralary, orta we ýokary hünär mekdepleri üçin işlenip taýýarlanylan täze okuw maksatnamalary çaganyň irki ösüşiniň başlangyçlaryny öňe sürmekde saldamly goşant goşdular.

Çagalara ideg etmek we olary irki döwürden okatmak boýunça ýokary hilli, inklýuziw we integrirlenen hyzmatlar barada aýdylanda, halkara ölçeglerine we öňdebaryjy tejribelere laýyklykda, mekdebe çenli taýýarlygyň okuw maksatnamasyny, şol sanda ene-atalar üçin maksatnamany, mekdebe çenli bilim bermek boýunça ýokary hilli milli resminamalary işläp taýýarlamak möhüm ähmiýete eýe boldy. Bu 2006-njy ýylyň görkezijisi bilen deňeşdirilende, 2015-nji ýylda çagalary mekdebe çenli çagalar edaralary bilen gurşap almagyň derejesini 26 göterimden 42,8 göterime çenli (Köpsanly görkezijiler boýunça klaster synynyň 3–6 ýaş aralygyndaky çagalar boýunça maglumatlary) artdyrmaga mümkinçilik berdi. Barlagyň netijesine laýyklykda, 3–5 ýaşly çagalaryň 90,9 göterimi öz ýaş aýratynlygyna laýyklykda kadaly ösýändigi, Çaganyň irki ýaşda ösüşiniň görkezijisi oglanlarda (91%) we gyzlarda (90,7%) birmeňzeş derejede ýokarydygy; 2015-nji ýylda 5–6 ýaşly çagalaryň mekdebe taýýarlyk okuwlaryna çekiliş derejesiniň 46,2 göterime deňdigi anyklanyldy. Umumy görnüşli çagalar baglarynyň binýadynda iki sany Çaganyň irki ösüşiniň synag merkezleriniň ornaşdyrylmagy Çaganyň irki ösüşiniň mekdebe taýýarlamak boýunça köpugurly hyzmatlaryny durmuşa geçirmekde hem-de ähli çagalar we maşgalalar üçin adalatlylygy üpjün etmekde möhüm ädim boldy.

Mundan başga-da, sowalnamanyň respondentleri synag geçirilýän etraplarda Çaganyň irki ösüşiniň möhümligi barada ene-atalaryň düşünjesiniň we kiçi ýaşly çagalara dogry ideg etmäge ukyply ene-atalaryň sanynyň artandygyny belleýärler, muňa garamazdan, umumy görkezijiler henize çenli pes bolmagynda galýar. Mundan başga-da, respondentler synag edilýän etraplarda Çaganyň irki ösüşini berkitmek üçin ýerli jemgyýetler tarapyndan ene-atalara berilýän serişdeleriň we goldawyň berkidilendigini bellediler, şeýle-de adaty çagalar baglarynda şenbe güni hereket edýän ene-atalar üçin ündeýiş işlerini geçirýän merkezler irki ýaşdan başlap çagalara bilim bermek we öý şertlerinde mekdebe taýýarlygy üpjün etmekde ene-atalara goşmaça goldaw berýär.

Ýokarda aýdylanlar bilen bir hatarda, çaganyň ösüş mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek we adam gorlaryny artdyrmak üçin synag edilýän etraplarda ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegini berýän hünärmenleriň Çaganyň ösüşine gözegçilik etmek boýunça gollanmanyň guralyny ulanyp, ösüş ýetmezçiliklerini

ýüze çykarmak boýunça hünär bilimini artdyrýan okuw maslahatlary geçirilýär. 2016-njy ýylyň dowamynda Ankara uniwersitetiniň hem-de Sankt-Peterburg şäheriniň irki goşulyşma institutynyň ýardam bermeginde okuw merkezleriniň hünärmenleri gysga möhletli okuw maslahatlarynyň birnäçesine gatnaşdylar. Maglumat ýygnamagy berkitmek, şeýle hem umumy monitoringi geçirmek we baha bermek babatda aýratyn barlaglar geçirildi (meselem: patronaža baha bermek, ganazlyk we «A» witamininiň ýetmezçiliginiň ýaýramagynyň sebäpleriniň öwrenilmegi, Köp görkezijili klasterleýin syn 2015–2016 ý., alty ýaşa çenli çagalaryň ösüş derejesi ulgamynda ene-atalaryň we hossarlaryň bilimini we tejribesini öwrenmek). Çaganyň irki ösüşiniň köptaraplaýyn maglumat ulgamyny döretmek göz öňünde tutulýar.

Bu öňegidişlikler ýokarda agzalan zerurlyklar bilen baglanyşykly meseleleriň çözülmeginde, durmuş düzümleriniň ähli derejelerinde ösüşi berkitmäge, şeýle hem çaga seretmek boýunça hyzmatlary etmegiň has amatly usullaryny ulanmaga ýardam berýär.

Irki döwürde okatmak, saglygy goraýyş we durmuş taýdan goramak boýunça hyzmatlary ýerine ýetirýän edaralaryň öz arasyndaky we olaryň maşgalalar bilen işini utgaşdyrmak zerur. Bu bolsa gözegçiligiň netijeli bolmagyna ýardam berer. Meselem: «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky Kodeksinde» kiçi ýaşly, aýratyn hem 0–3 ýaşly çagalara hem-de 18 ýaşa çenli maýyplygy bolan çagalara döwlet kömek puluny bermek ýaly durmuş taýdan goramak çäreleri, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalara ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýanyň bellenilmegi göz öňünde tutulandyr. Sowalnamalaryň respondentleriniň pikirine görä, ilatyň çaganyň irki ösüşi boýunça düşünjesini artdyrmak üçin köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen işlemek zerur bolup durýar diýip birnäçe gezek belläp geçdiler. Bu bolsa, Türkmenistanda çagalara gözegçilik edýän hünärmenleriň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda, Çaganyň irki ösüşiniň häzirki zaman çemeleşmelerini tiz özleşdirmeklerine we ulgama ornaşdyrmaklaryna, hyzmatlaryň ýokary hilli we integrirlenen häsiýete eýe bolmagyna ýardam berdi.

## III. Mundan beýläk ösüşi: Çaganyň irki ösüşi boýunça strategiýasynyň mazmuny we 2020–2025-nji ýyllar üçin ileri tutulýan ugurlar

Ýokarda getirilen seljerme Çaganyň irki ösüşiniň mümkinçiliklerini ýüze çykarýar we adalatlylyk, goragsyzlyk meselelerine, şeýle hem şol hyzmatlaryň hilini we inklýuziwligini ýokarlandyrmak maksady bilen, olaryň integrasiýasyny nazara alyp, geljekki ýyllaryň dowamynda bu ulgamda esasy goşulyşmany amala aşyrmak üçin birnäçe giň gerimli ugurlary görkezýär. Umuman, 7 ýaşa çenli ähli

gyzjagazlaryň we oglanjyklaryň ýaşamaga, ösmäge, goralmaga we jemgyýete goşulmaga bolan hukuklaryndan peýdalanmagyny gazanmak strategiýanyň esasy maksady bolup durýar. Şeýlelikde, çaganyň irki ösüşiniň bu strategiýasy kiçi ýaşdan başlap, çaga ideg etmegiň we bilim bermegiň hiline aýratyn üns bermek bilen birlikde, olaryň ýaşamagy we kemala gelmegi üçin howply ýagdaýlara köpugurly çemeleşmelere we pudagara integrasiýasyna Türkmenistanyň ygrarlylygyny berkidýär.

Çaganyň irki ösüşiniň strategiýasynyň esasy ugurlary aşakdakylardan ybaratdyr:

dogrumdan soňky ýagdaýy gowulandyrmakdan (prenatal skrining, talabalaýyk iýmitlenme, mikronutrient ýetmezçiligiň öňüni almak);

intensiw bejeriş gullugyň we bäbekleri idetmegiň täze tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy bilen, olaryň sazlaşykly psihomotor we fiziki ösüşini üpjün etmek üçin, ýokary howp toparyna degişli çagalaryň anyklaýşynyň we gözegçiliginiň ulgamyny döretmekden;

neonatal skriningleri geçirmekligi dowam etmekden;

çaga mähirli gatnaşykly edaralar başlangyjyny ornaşdyrmak arkaly ýeke-täk ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň derejesini, şeýle-de ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň dowamlylygyny ýokarlandyrmakdan;

goşmaça naharlary talabalaýyk berip başlamagyň döwrebap garaýyşlary boýunça saglygy goraýyş işgärleriniň we maşgalalaryň bilim derejesini ýokarlandyrmakdan;

ösüşinde bozulma bolan we maýyp çagalarda öňüni alyş ýa-da abilitasiýa üçin kömek beriji tehnologiýalary ornaşdyrmagy goldamakdan;

kiçi ýaşly çagalary bolan ene-atalara goldaw bermekden;

saglygy goraýyş, bilim we durmuş taýdan goramak boýunça deň derejeli hyzmatlaryň hilini, maliýe we fiziki taýdan elýeterliligini ýokarlandyrmakdan;

irki döwürde okatmakda, şol sanda ähli çagalaryň mekdebe taýýar bolmagy üçin mekdebe çenli bilim almakda deň derejeli mümkinçilikler bilen üpjün etmekden;

ösüş ýetmezçiliklerini ir ýüze çykarmak ulgamyny, şeýle-de kiçi ýaşly çagalary bolan maşgalalary, şol sanda ösüşde yza galmak ähtimallygy ýokary bolan çagaly hem-de maýyplygy bolan çagaly maşgalalara goldaw bermek boýunça hyzmatlary ösdürmekden we berkitmekden.

Çaganyň irki ösüşiniň strategiýasynda ösüşe we garaşylýan netijelere baha bermegiň möhümligi nygtalýar we syýasatyň esasy ugurlarynda öňe gidişlige baha bermek üçin esasy görkezijiler getirilýär. Onda milli we ýerli derejede utgaşdyryş usullaryny berkitmegiň hem-de gaýtadan gönükdirme ulgamlarynyň möhümligi

hem-de tejribe alyşmak, maslahat bermek we gözegçilik etmek üçin forumlaryň möhümligi nygtalýar. Bu bolsa, kiçi ýaşly çagalara we olaryň maşgalalaryna netijeli we ýokary hilli hyzmat etmek üçin zerurdyr. Bularyň ählisi öz gezeginde ene-atalaryň mümkinçiliklerini giňeltmäge, hünärmenleriň bilimini artdyrmaga, gözegçilik ulgamyny ýokarlandyrmaga ýardam eder hem-de meňzeş ýaşaýyş-durmuş kadalaryny we ynamlary üýtgetmäge getirer. Çaganyň irki ösüşiniň strategiýasy bäş ugry kesgitleýär, olar kiçi ýaşly çagalar üçin oňyn netijeleri gazanmaga gönükdirilýär:

kiçi ýaşly çagalara we maşgalalara goldaw bermek boýunça ýokary hilli köpugurly we bellenilen maksatly hyzmatlar;

degişli ugurdan hünär taýýarlygy bolan hünärmenler (saglygy goraýyş, bilim we jemgyýetçilik işgärleri);

çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma hyzmatlarynyň integrasiýasy we pudagara utgaşdyrylmasy;

ene-atalar we ýerli bileleşikler üçin çaganyň irki ösüşine degişli maglumat beriş we bilim başlangyçlary;

çaganyň irki ösüşiniň syýasatynyň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmegi we baha bermegi kämilleşdirmek.

Çaganyň irki ösüşiniň strategiýasynyň çäklerinde goşulyşmanyň birinji çygry kömege mätäç, şol sanda maýyplygy bolan çagalara we olaryň maşgalalaryna, ýokary hilli köpugurly we bellenilen maksatly hyzmatlary ýerine ýetirmäge gönükdirilendir. Munuň esasy maksady çagalaryň we olaryň maşgalalarynyň yzygiderli ýagdaýda çaganyň irki ösüşiniň hyzmatlary bilen üpjün edilmegini gazanmakdan ybaratdyr. Bu hyzmatlar maşgala hoşniýetli garamak, dowamlylyga we yzygiderlilige gönükdirilen ýörelgelere esaslanýar, ol boýunça çagalar we olaryň maşgalalary ösüşe we ýüze çykan zerurlyklaryna baglylykda öňe gidişligi gazanarlar. Çaga ideg etmegiň hiline uly ähmiýet berler. Ol şu aşakdakylary öz içine alar:

**Goşulyşmanyň 1-nji çygry: kömege mätäç kiçi ýaşly çagalara, şol sanda maýyplygy bolan çagalara we olaryň maşgalalaryna goldaw bermek üçin ýokary hilli we maksada gönükdirilen hyzmatlary ýerine ýetirmekden ybaratdyr.**

Çaganyň irki ösüşiniň saglygy goraýyş ulgamyndaky başlangyçlar:

Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma möhüm hyzmatlarynyň maliýe taýdan elýeter toplumynyň çäklerinde howpsuz göwrelilik we çaga dogurmak, dogrumdan soňky ideg, kiçi ýaşly çagalaryň ýaşamaklygy, iýmitlendirmek we kemala getirmek, şol sanda ir ýüze çykarmak boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmegi üpjün edýärler.

«Çaga mähirli gatnaşykly edaralar» başlangyjynyň durmuşa geçirilmegini dowam etdirmek, bu çaga dogrulýan bölümleriň, ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegini berýän edaralaryň işini kämilleşdirilmekde sertifikasiýa, resertifikasiýa geçen Çaga mähirli gatnaşykly edaralaryň sanyny artdyrmaga ýardam edýär;

ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegini berýän şepagat uýalary tarapyndan patronaž kömeginiň işini kämilleşdirmek;

şepagat uýalary we maşgala lukmanlary tarapyndan maglumat we maslahat beriş işleri, şol sanda saglygy goraýyş ulgamynyň çäklerinde we onuň çäklerinden daşarda gaýtadan ýollamak boýunça;

Çagalaryň ösüşine we kemala gelşine gözegçilik etmäge hem-de olaryň gowşak tarapyny we howpuny irki döwürde kesgitlemäge ulgamlaýyn çemeleşme şular bolup durýar:

intranatal we neonatal skriningler;

çagalaryň ösüşine we kemala gelşine gözegçilik etmek;

köpugurly gurallary we skrining bahalaryny standarta laýyk ulanmak;

patronaž şepagat uýalary, maşgala lukmanlary we çaga lukmanlary tarapyndan baha beriş gurallaryny (Çaganyň ösüşine gözegçilik etmek boýunça gollanmanyň) hökmany ulanmak.

Ene-atalary maglumat bilen üpjün etmek we olara goldaw bermek. Bu göwreli zenanlara we enelere ideg etmegiň netijeliligini ýokarlandyrmagy talap edýär we ene-atalara çaganyň kadaly ösmegi üçin dogry iýmitlendirmek, ene süýdi bilen iýmitlendirmek, naharlamak, çaganyň ösüşi we ene-atalyk tejribesi boýunça maslahat beriş işlerini geçirmek bilen patronaž ulgamynyň netijeliligini artdyrmagy talap edýär.

Talabalaýyk ideg etmek we çagalary irki döwürde okatmak maksatnamalary:

ähli çagalaryň mekdepden öň bilim almaga bolan mümkinçiligini artdyrýar. Netijede, çaganyň irki ösüşi boýunça hyzmatdaşlaryň öňde goýan maksatlaryny gazanmaga ýardam edýär;

maglumat we goldaw bermek arkaly çagalaryň ösüşi we mekdebe taýýarlygy barada ene-atalaryň bilimlerini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Şular üpjün edilmäge degişlidir:

çagalaryň inklýuziw, aladasy edilýän we howpsuz gurşawda kemala gelmekleri üçin, bilim ulgamynyň kadalaşdyryjy-hukuk binýadynda, mekdebe çenli bilim ulgamynda hoşniýetlilik ýörelgelerini berk ornaşdyrmak, onuň esasynda oýun arkaly ösüş bilen üpjün etmek bilen bir hatarda çagalar öz maşgalasyndan bolmadyk çagalar bilen bile öwrenip, döredip hem-de özara gatnaşyk saklamagy göz öňünde tutulandyr;

çagalaryň mekdebe ýeňillik bilen geçmegine ýardam bermek hem-de olaryň mekdebe taýýarlygyny üpjün etmek üçin, çagalar baglarynda, ene-atalar merkezlerinde we beýleki alternatiw görnüşlerde mekdebe çenli we mekdebiň öňüsyrasyndaky maksatnamalaryň hilini ýokarlandyrmak möhümdir.

Şu aşakdakylar üçin goşmaça bellenilen maksatly Çaganyň irki ösüşiniň hyzmatlaryny ýerine ýetirmek zerur bolup durýar:

çaganyň ösüşindäki yza galmagy, maýyplygy ýa-da beýleki howply ýagdaýlary irki döwürde ýüze çykarmak hem-de degişli ugra gaýtadan gönükdirmek;

goşmaça goldawa mätäç kiçi ýaşly çagaly bolan maşgalalara goldaw bermek;

maglumat bermek we ýerli bileleşikleriň üsti bilen täzeden gönükdirmek.

**Durmuş goraglylyk maksatnamalary:**

Şu aşakdakylar arkaly durmuşy goraýyş ulgamynyň ýerli birleşikleriniň inklýuziw, ýokary hilli hyzmatlary ýerine ýetirmäge taýýarlygyny üpjün edýärler:

durmuş goraglylygy işgärlerini goldaw bermek boýunça integrirlenen hyzmatlary ýerine ýetirmek işine çekmek;

durmuş goraglylygy işgärlerini ýerli birleşmeleriň derejesinde goldaw bermek boýunça integrirlenen hyzmatlary ýerine ýetirmek işine çekmek;

goldawa mätäç toparlaryň ýagdaýyny ýeňilleşdirmek maksady bilen goşmaça hyzmatlary bermek;

kanunlary, milli maksatnamalary we strategiýalary, şol sanda çaganyň hukuklaryny durmuşa geçirmek we olaryň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmek maksady bilen döwlet edaralary üçin niýetlenen bilelikdäki ulgamlary berkitmek.

Saglygy goraýyş ulgamynyň esasy maksady ähli göwreli aýallar hem-de kiçi ýaşly çagalar, aýratynam 7 ýaşa çenli hem-de ösüşden yza galýan çagalar üçin has möhüm saglygy goraýyş hyzmatlarynyň köpugurly toplumynyň elýeterliligini üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Olar howpsuz göwreliligi we çaga dogurmagy alyp barmak, neonatal ideg etmek, çaganyň ýaşaýşa ukyplylygyny üpjün etmek, ony iýmitlendirmek we irki döwürde ýüze çykarmak we goşulyşma boýunça hyzmatlary öz içine alýar. Durmuşa geçirmek işi biri-biri bilen bagly üç tapgyry öz içine alar: innowasion hyzmatlaryny ülňülemek, oňaýly gurşawy döretmek we möçberini kesgitlemek. Has takygy, neonatal idege, şeýle hem ösüş pediatriýasyna we irki goşulyşma; ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň we goşmaça iýmitlendirmegiň paýyny artdyrmak ýaly meselelere; daýanç hereketleriň bozulmagy bilen bagly ösüş nogsanlyklarynyň öňüni almaga we olary aradan aýyrmaga; ene-atalaryň çaga ideg etmek boýunça başarnyklaryny we tagallalaryny berkitmäge aýratyn üns berler. Bu ýagdaýlarda 3 ýaşa çenli çagalaryň arasynda ýitgileriň, ösüşdäki yza galmaklygyň we ýeterliksiz iýmitlenmegiň öňüni almaga mümkinçilik berer.

Bilim ulgamynda esasy maksat mekdebe çenli bilimiň elýeterliligini üpjün etmek bilen bir hatarda, bilim ulgamyny halkara standartlaryna laýyk getirmäge, okatmagyň inklýuziw, howpsuz we oňaýly gurşawyny döretmäge ýardam bermekden, şeýle hem özgertmeleriň durnukly ýagdaýda geçmegi üçin, irki inklýuziw ösüşde we bilim bermekde innowasion çemeleşmeleri synag hökmünde ulanmaga ýardam bermekden ybaratdyr. Çagalaryň mekdebe taýýarlygyny hem-de mekdebe ýeňillik bilen geçmegini üpjün etmek maksady bilen, oýun arkaly okatmaga gönükdirilen we standartlara laýyk gelýän okuw maksatnamasyna, maýyplygy bolan çagalar üçin inklýuziw maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge, mugallymlaryň ýokary derejeli hünär taýýarlygyna we gaýtadan taýýarlygyna; ene-atalary çagalaryny öýde okatmaga çekmeklige; çagalar baglaryna gatnamaýan çagalary mekdebe çenli bilim bilen üpjün etmäge hem-de mekdebe çenli çagalar edaralaryň we başlangyç mekdebiň gatnaşyklaryny berkitmäge aýratyn üns bermelidir.

Türkmenistanda ösüş ýetmezi bolan çagalar üçin ökde hünärmenleriň toparlary tarapyndan durmuşa geçirilýän hemmetaraplaýyn elýeter maksatnamalary döretmek üçin düzümler hereket edýär. Çagalar ösüş görkezijilerine ýetmekde kynçylyklara duçar bolanda, olaryň ýagdaýy göz öňünde tutulyp, ene-atalar, lukmanlar we beýleki hünärmenler bilen bilelikde ýörite maksatnama esasynda okadylýar we goşmaça goldaw berilýär. Mugallym şeýle çagalar üçin okatmagyň mazmunyny, okuw materiallaryny we gönükmeleri üýtgedip biler ýaly okatmagyň özbaşdak meýilnamasyny işläp düzmeli.

Bularyň ählisi kiçi ýaşly gyzjagazlaryň we oglanjyklaryň ýokary hilli we inklýuziw bilimiň elýeterliligini artdyrmaga hem-de olaryň mekdebe taýýarlygyny ýokarlandyrmaga kömek berer.

Durmuş taýdan goramak nukdaýnazaryndan seredilende çagalaryň hukuklaryny goraýan kanunçylyk binýadyny halkara standartlaryna laýyk getirmek, olaryň hukuklarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek, şeýle hem hemaýat bermek boýunça hyzmatlary ülňülemek we möçberini kesgitlemek boýunça işlere üns berler.

Mundan başga-da, ýerli bileleşikleriň derejesinde hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi boýunça, şol sanda jemgyýetçilik işleriniň institusionalizasiýasy we çagany goramak; goldawa mätäç maşgalalara we olaryň çagalaryna goldaw bermek, ýagny çykdajylary hasaplamak, netijeliligine baha bermek we möçberini kesgitlemek; çagalaryň we olara ideg edýän adamlaryň öz hukuklary barada düşünjesini giňeltmek; jemgyýetçilik işgärleriniň mümkinçiligini artdyrmak; şeýle-de çagalary goramak ulgamyna, umuman çagalaryň hukuklarynyň berjaý edilişine gözegçiligi berkitmek boýunça hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegine we çagalara gönükdirilen kanunçylygyň kämilleşdirilmegine üns berler. Ilatyň az goragly

gatlaklaryna, şol sanda maýyplygy bolan çagalara, institusionalizasiýa töwekgelçiligine duçar bolan çagalara hem-de kanuny bozan çagalara hyzmat etmek üçin işlenip taýýarlanylan standartlara laýyklykda, saglygy goraýyş, bilim we jemgyýetçilik işgärleriniň hünär bilimini we başarnyklaryny artdyrmaga aýratyn üns berler. Çagalara we maşgalalara hemaýat bermegi üpjün etmek üçin bu düzüm kadalaşdyryjy binýady kämilleşdirmäge gönükdirilip, hereket edýän kanunçylyk namalaryna gaýtadan seretmegi, hyzmatlary ýerine ýetirmek boýunça standartlary we teklipleri işläp taýýarlamagy öz içine alýar. Bu kiçi ýaşly çagalar üçin amatly we durnukly gurşawy döretmäge, talabalaýyk hyzmatlary ýeterlikli maliýeleşdirmäge hem-de üstünlikli synagy amala aşyrmaga mümkinçilik berer diýlip çaklanylýar.

**Goşulyşmanyň 2-nji çygry: Çaganyň irki ösüşi boýunça tejribeli hünärmenleri taýýarlamak üçin maýa goýumlary çekmäge gönükdirilendir.**

Umuman, Çaganyň irki ösüşi birnäçe ugurlara degişli hünärmenleriň bilimine we tejribesine daýanýar, ol ilatyň saglygyny goraýşy, maşgala goldaw bermegi we çagalary irki döwürde okatmagy, şeýle hem irki goşulyşma, abilitasiýa we reabilitasiýa, sözleýiş endikleri we gatnaşmak, ruhy sagdynlyk we jemgyýetçilik işi ýaly belli bir ugurly hyzmatlary öz içine alýar. Hünärmenleriň öz işine diňe bir taýýarlykly bolman, eýsem, geçilen taýýarlygy iş ýüzünde ulanyp bilmegi gerekdir.

**Goşulyşmanyň 2-nji çygry: Çaganyň irki ösüşi boýunça tejribeli hünärmenleri taýýarlamak üçin maýa goýumlar:**

1-nji goşulyşma çygryndaky goşulyşmalardan başga-da tejribeli hünärmenleriň arasynda umumy ýörelgäni we özara gatnaşyklary ýola goýmak şu aşakdakylaryň kömegi bilen ýerine ýetirilip bilner:

çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma boýunça ýöriteleşdirilen we köpugurly okuw maslahatlary, ugrukdyryjy hünärmenleriň we häzirki zaman maglumatlaryň we barlaglaryň netijeleriniň hemişe elýeter bolmagyny üpjün etmegi. Şeýlelikde, hünärmenler innowasion tejribäni öwrenip we ony paýlaşyp bilerler.

dürli ugurlarda işleýändigine garamazdan, kiçi ýaşly çagalar bilen gönümel işleýän işgärleri okatmak üçin Çaganyň irki ösüşi boýunça esasy okuw bukjasyny ornaşdyrmagyň.

okatmagyň diplomdan öňki we soňky okuw maksatnamasyna Çaganyň irki ösüşi boýunça goşmaçalar giriziler, şol sanda irki goşulyşma boýunça hünärmenleri: ergoterapewtleri, çaganyň ösüşi boýunça düýpli bilimlere eýe bolan psihologlary, lukmanlary (ösüş pediatrlary, reabilitologlary, newrologlary), fiziki terapewtleri, logopedleri we ýörite mugallymlary taýýarlamagyň.

**Goşulyşmanyň 3-nji çygry Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmekde integrasiýa we pudagara hyzmatdaşlyga gönükdirilendir.**

Ene-atalar üçin integrirlenen maksatnamalar we hyzmatlar ýokary hilli goldaw bermegi üpjün etmeli, öňüni almaga we maglumat bermäge gönükdirilen bolmaly, ene-atalaryň işjeň gatnaşmagyny gazanmaly we höweslendirmeli hem-de çaganyň ösüşindäki aýratyn zerurlyklara oňyn täsir etmeli. Bu maksadyň ähli pudaklarda durmuşa geçirilmegi Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma boýunça 2020–2025-nji ýyllar üçin Strategiýanyň umumy üstünligi üçin esasy ähmiýete eýe bolmaly.

**Goşulyşmanyň 3-nji çygry: Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma hyzmatlaryny ýerine ýetirmekde integrasiýa we pudagara hyzmatdaşlygy amala aşyrmak.**

Bu çygyr goşulyşmanyň beýleki çygyrlary bilen baglanyşykly bolup, şu aşakdakylary talap edýär:

7 ýaşa çenli goraga mätäç çagalara aýratyn üns bermek bilen, has möhüm Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma elýeter hyzmatlar bukjasyny ýerine ýetirmek üçin pudaklaryň arasynda has netijeli hyzmatdaşlygy we gatnaşyklary ýola goýmagy;

çaganyň ösüşine toplumlaýyn çemeleşmäni üpjün etmek üçin öňden bar bolan hünärmenleriň wezipe borçlaryna gaýtadan garamagy/giňeltmegi;

çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma boýunça hyzmatlaryň sazlaşykly ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin standartlary, teswirnamalary we gollanmalary işläp taýýarlamagy we ornaşdyrmagy;

çaga ösüş nogsanlyklarynyň öňüni almaga ýardam bermek hem-de maşgalada çaganyň ýagdaýyna oňaýsyz täsir edip biljek meseleleriň we kynçylyklaryň öňüni almak üçin köpugurly toparlary döretmegi. Munuň üçin goldawa mätäç maşgalalary hem-de howp toparynyň maşgalalaryny ýüze çykarmak üçin köpugurly skrining we baha beriş gurallaryny ulanmak talap edilýär;

hyzmat ýerine ýetirýän gulluklar we ilat tarapyndan ulanmak üçin integrirlenen maglumat goruny döretmegi;

milli, welaýat we ýerli derejede Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma syýasatynyň durmuşa geçirilişi boýunça hasabat ýöretmegi, oňa gözegçilik etmegi.

**Goşulyşmanyň 4-nji çygry maşgalalar we ýerli bileleşikler üçin Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma bilen baglanyşykly maglumat we bilim bermek boýunça başlangyçlara gönükdirilendir.**

Bu ýerde ene-atalaryň we ýerli bileleşikleriň mümkinçiliklerini giňeltmäge aýratyn üns berler. Barlaglaryň görkezişi ýaly, ene-atalaryň we ýerli bileleşikleriň mekdebe çenli çagalar edaralary derejesinde ýardam etmegi çagalaryň bilim derejesine we okuwda ýetişigine güýçli we oňyn täsir edýär, şol bir wagtda bu ene-atalaryň we ýerli bileleşikleriň irki döwürde okatmagyň we Çaganyň irki ösüşiniň ähmiýetine düşünmegine ýardam berýär.

Çagalaryň taýýarlygy ene-atalar we mugallymlar muňa diňe taýýar bolan halatynda gazanylar. Şonuň üçin ene-atalaryň we ýerli bileleşikleriň mekdebe çenli edaralar bilen gatnaşygynyň ähmiýetini nygtamak, şeýle hem aýratyn kömege mätäç çagalaryň şenbe güni geçirilýän mekdebe taýýarlyk boýunça derslere gatnaşmagyna hem-de öýlerinde ene-atalaryň öz çagalarynyň «ilkinji mugallymy» hökmünde ýardam bermeginiň möhümligini bellemek zerurdyr. Çaga ideg edýän adamlar öňüni alyş we bejergi kömegini, şeýle hem talabalaýyk idegi üpjün etmek üçin endiklerini berkitmekde zerurlyk çekýärler.

**Goşulyşmanyň 4-nji çygry: maşgalalar we ýerli bileleşikler üçin Çaganyň irki ösüşi bilen baglanyşykly maglumat we bilim bermek boýunça başlangyçlar.**

Bu çäreler şulara gönükdirilýär:

ene-atalary göreldeli hossarlyk etmäge we olary esasy hyzmatdaşlar hökmünde höweslendirmäge;

ene-atalaryň we çaga ideg edýän adamlaryň öz çagalaryny dogry terbiýelemek, okatmak, kemala getirmek we ideg etmek boýunça başarnyklaryny ýokarlandyrmaga;

çagalar bilen ene-atalaryň arasynda sagdyn gatnaşyklary wagyz etmäge;

çaganyň ösüşi, çagalaryň we ene-atalaryň bilelikdäki işi hem-de iýmitlendirmek bilen bagly maksatnamalar barada maglumat bermäge.

**Goşulyşmanyň 5-nji çygry. Çaganyň irki ösüşi syýasatynyň durmuşa geçirilişine berk gözegçilik etmäge we oňa baha bermäge degişlidir.**

Gözegçilik etmek, hasabat bermek we baha bermek Çaganyň irki ösüşiniň maksatnamalarynyň we hyzmatlarynyň hilini hemişe ýokarlandyrmakda esasy orny eýeleýär. Çaganyň irki ösüşiniň strategiýasynyň netijeliligini gazanmakda ösüşi kesgitlemek üçin ÝUNISEF, Statistika baradaky döwlet komiteti hem-de degişli ministrlikler we pudak edaralary bilen bilelikde Çaganyň irki ösüşiniň merkezleşdirilen çäklerini hem-de gözegçilik etmek we baha bermek üçin maglumatlar goruny döretmegiň üstünde işlär hem-de integrirlenen hyzmatlary boýunça hasabatlylyk ulgamyny dolandyrmak işini goldar. Şunda iki derejeli gözegçilik etmek we baha bermek ulgamy ornaşdyrylar, ol diňe Strategiýa boýunça öňde goýlan maksatlaryň gazanylyşyna baha bermek bilen çäklenmän, eýsem,

integrasiýa we utgaşdyrma, syýasata we bar bolan serişdelere degişli ýörite meseleleri hem öwrener.

Bu Durnukly ösüş maksatlarynyň görkezijileriniň innowasion «maglumat paneliniň» döredilmegi bilen bagly bolar (ser. IV Bölüm). Mundan başga-da, 2015–2016-njy ýyllar boýunça köp görkezijili klasterleýin synyň maglumatlary Çaganyň irki ösüşiniň strategiýasynyň maksatlaýyn görkezijilerini kesgitlemegiň binýady hökmünde ulanylar; netijeler 2019-njy ýylyň Köp görkezijili klasterleýin syn barlagynyň dowamynda kesgitleniler. Çaganyň irki ösüşiniň strategiýasyna syn bermek üçin maglumat alyşmak hem-de zerur bolan ýagdaýynda düzediş girizmek üçin maglumat bilen üpjün etmek maksady bilen, barlaglaryň we baha beriş işleriniň birnäçesi geçiriler.

**Goşulyşmanyň 5-nji çygry: Çaganyň irki ösüşiniň syýasatynyň durmuşa geçirilişiniň doly monitoringi we baha berlişi.**

Beýlekiler bilen bir hatarda gözegçilik etmegiň esaslary şulardan ybarat:

Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma boýunça integrirlenen hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegini düzgünleşdirýän degişli kadalaşdyryjy binýadynyň bolmagyndan;

Çaganyň irki ösüşiniň syýasatynyň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmegiň we oňa baha bermegiň meýilnamasynyň bolmagyndan;

Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmegiň standartlaryna laýyklykda sertifikatlaşdyrmak üçin okadylan işgärleriň we gaýtadan garalan talaplaryň bolmagyndan;

Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma boýunça ähli umumy we salgylanan hyzmatlaryň elýeterliliginden;

ene-atalaryň çaganyň ösüşi we oňa dogry ideg etmek barada düşünjesiniň bolmagyndan.

Çaganyň irki ösüşi bilen baglanyşykly pudaklaýyn meýilnamalaryň berkidilmegine üns bermek möhüm bolup durýar.

Bu strategiýa boýunça ýerine ýetirilmeli işleriň meýilnamasynyň, şol sanda onuň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmek we baha bermek boýunça çäreleriň işlenip taýýarlanylmagy ilkinji nobatda amala aşyrylmalydyr.

Çagalaryň bähbidi üçin döwlet maýa goýumlarynyň möçberini artdyrmak boýunça köptaraplaýyn, ikitaraplaýyn, döwlete degişli we döwlete degişli däl gatnaşyjylaryň, hususy pudagyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň arasynda netijeli hyzmatdaşlyga ýardam bermek örän möhüm ähmiýete eýedir. Çagalaryň hukuklaryny öňe sürmekde we durmuşa geçirmekde raýatlaryň hem möhüm orny bar. Şeýle hem ýurduň çäklerinde we ondan daşarda bilim bermek

maksady bilen, bilim berýän edaralaryň hem-de okuw mekdepleriniň arasynda hyzmatdaşlyk berkidiler.

## IV. Türkmenistanda durnukly ösüş maksatlarynyň maglumatlary boýunça çaganyň irki ösüşi bilen baglanyşykly innowasion çemeleşme

Umuman, Türkmenistanda Çaganyň irki ösüşi boýunça 2020–2025-nji ýyllar üçin milli strategiýasy kiçi ýaşly çagalaryň ýaşamaga, ösüşe we goraglylyga bolan hukuklaryna hem-de olaryň üstünliklerine gönümel täsir edýän Durnukly ösüş maksatlarynyň durmuşa geçirilmegine ýardam berer. Munuň özi maglumaty görkezmegiň innowasion guraly hökmünde Durnukly ösüş maksatlarynyň milli görkezijileriniň möhüm paneli bilen üpjün eder, ol öz gezeginde 2015–2016-njy ýyllar üçin Köp görkezijili klasterleýin synyň maglumatlaryny ulanmak bilen, Türkmenistan üçin çagalar bilen baglanyşykly Durnukly ösüş maksatlarynyň görkezijisini işläp taýýarlamaga ýardam berer. Durnukly ösüş maksatlarynyň sanawy aşakda görkezilendir.

**Durnukly ösüş maksat 1: Garyplygyň ähli görnüşlerini hemme ýerde ýok etmek**

**Wezipe 1.3:** Milli derejede hemmeleriň ýaşaýyş-durmuş taýdan goragy üçin degişli ulgamlary we çäreleri girizmek, şol sanda iň az derejeleri kesgitlemek we 2030-njy ýyla çenli ilatyň garyp we goraga mätäç gatlaklaryny gurşap almak.

**Görkeziji 1.3.1:** Ýaşaýyş-durmuş taýdan pes goragly ulgamlar bilen gurşalyp alnan, jyns aýratynlyklary boýunça dezagregirlenen we çagalary, pensiýa ýaşyndaky adamlary, maýyplygy bolan adamlary, göwreli aýallary, täze doglan bäbekleri, önümçilik şikeslerden ejir çeken ilatyň paýy.

Hyzmatdaşlar bilen iş alyp barmagyň netijesinde, jynsy aýratynlyklary boýunça topara bölmek bilen, durmuş taýdan goramak ulgamy bilen gurşap alnan çagalaryň (şol sanda 7 ýaşa çenli aralykdaky çagalaryň), şeýle hem täze doglan bäbekleriň, çagalaryň we kiçi ýaşly çagalaryň sanyny kesgitlemek üçin maglumatlary ýygnamak ulgamyny kämilleşdirmek we giňeltmek boýunça işler amala aşyrylar.

**Wezipe 1.5:** 2030-njy ýyla çenli gurpsuz we goraga mätäç adamlaryň ýaşaýşa durnuklylygyny ýokarlandyrmaly, howa şertleriniň üýtgemeginiň netijesinde ýüze çykýan adatdan daşary ýagdaýlaryň we beýleki ykdysady, ýaşaýyş we ekologiki sarsgynlaryň we betbagtçylyklaryň täsirinden olaryň goralyşyny ýokarlandyrmaly.

**Görkeziji 1.5.3:** Betbagtçylyk howpuny kemeltmek boýunça milli we ýerli strategiýasy bolan ýurtlaryň sany.

**Durnukly ösüş maksat 2: Açlygy ýok etmek, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek we iýmitlenmegi gowulandyrmak hem-de oba hojalygynyň durnukly ösüşine ýardam bermek**

**Wezipe 2.1:** 2030-njy ýyla çenli açlygy doly ýok etmeli hem-de hemmeleri, aýratyn hem ilatyň az üpjünçilikli we gowşak goragly toparlaryny, şol sanda bäbekleri howpsuz, ýokumly we ýeterlikli iýmite bolan zerurlyklaryny bütin ýylyň dowamynda üpjün etmeli.

**Görkeziji 2.1.1:** Kem iýmitlenmegiň ýaýraýşy.

Bäş ýaşa çenli çagalaryň arasynda boý ösüşi boýunça yza galaklygyň ýaýraýşy. Diňe ene süýdi bilen iýmitlendirilen 6 aýlykdan kiçi ýaşly bäbekleriň göterimi.

**Wezipe 2.2:** 2030-njy ýyla çenli kem iýmitlenmegiň ähli görnüşlerini aradan aýyrmak, şol sanda 2025-nji ýyla çenli 5 ýaşa çenli çagalaryň ösüşini bökdeýän we aşa horluga degişli görkezijilere garşy göreşýän we halkara derejede ylalaşylan maksatlaýyn görkezijilere ýetmeli we ýetginjek ýaşly gyzlaryň, göwreli aýallaryň, emdirýän aýallaryň we uly ýaşly adamlaryň iýmitlenmek boýunça zerurlyklaryny kanagatlandyrmaly.

**Görkeziji: 2.2.1:** 5 ýaşa çenli çagalaryň boý ösüşi boýunça yza galyş derejesiniň ýaýraýşy Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan kesgitlenen kadalara laýyklykda, çagalaryň ýaşyna görä ösmeginiň median görkezijisinden çykmagy, çagalaryň ösmeginiň orta kwadratly çykmasy).

**Durnukly ösüş maksat 3: Sagdyn durmuş ýörelgesini üpjün etmek we ähli ýaşdaky adamlaryň abadançylygyna ýardam bermek**

**Wezipe 3.1:** 2030-njy ýyla çenli enäniň ölümçiliginiň global görkezijisini 100 000 diri doglan bäbekde 70-den az ýagdaýa çenli azaltmaly.

**Görkeziji 3.1.2:** Tejribeli lukmanlar tarapyndan kabul edilen çaga dogrumlaryň paýy.

**Wezipe 3.2:** 2030-njy ýyla çenli ýaňy doglan çagalaryň öňüni alyp bolýan ölümçiligini ýok etmeli, hemme ýurtlar neonotal ölümçiligiň derejesini 1000 diri doglan bäbekde 12-den köp bolmadyk bäbege çenli azaltmaga we 5 ýaşa çenli çagalaryň arasynda 1000 diri doglan bäbekden 25-den köp bolmadyk ýagdaýa çenli azaltmaga çalyşmaly.

**Görkeziji 3.2.1:** 5 ýaşa çenli ýaşly çagalaryň ölümçiligi.

**Görkeziji 3.2.2:** Neonatal ölümçilik.

**Durnukly ösüş maksat 4. Hemmeler üçin adalatly hem-de ýokary hilli bilim bilen üpjün etmeli we hemmeleriň bütin ömrüniň dowamynda bilimini kämilleşdirmek mümkinçiligini artdyrmaly**

**Wezipe 4.1:** 2030-njy ýyla çenli ähli gyzlaryň we oglanlaryň mugt, deň hukukly we ýokary hilli, netijeli we talabalaýyk başlangyç we orta bilimi almagyny üpjün etmeli.

**Görkeziji 4.1.1:** Çagalaryň/ýaşlaryň göterim paýy: jyns aýratynlyklaryna görä 1) sowatlylygyň we 2) hasaplamagyň iň pes ukyplaryny ele alan a) 3-nji synpa çenli okuwçylar, b) başlangyç mekdep uçurymlary, ç) orta mekdep uçurymlary.

**Wezipe 4.2:** 2030-njy ýyla çenli ähli gyzlar we oglanlar başlangyç bilimi almaga taýýar bolmagy üçin kiçi ýaşly çagalara ýokary hilli ösüş ulgamlarynyň, idegiň we mekdebe çenli bilimiň elýeter bolmagyny üpjün etmek.

**Görkeziji 4.2.1:** 5 ýaşa çenli saglyk, bilim we ruhy psihososial abadançylyk ugurlarynda kadaly ösýän çagalaryň göterim paýy. Jynsy aýratynlyklaryna görä toparlara bölmek.

**Görkeziji 4.2.2:** Okuwyň guramaçylykly görnüşlerine gatnaşmak derejesi (bir ýylda mekdebe barmak üçin resmi taýdan bellenilen mekdep ýaşyndan bir ýyl öň). Jynsy aýratynlyklaryna görä toparlara bölmek.

**Wezipe 4.5:** 2030-njy ýyla çenli bilim ulgamynda gender deňsizligini aradan aýyrmaly hem-de ilatyň gowşak toparlary, şol sanda kyn ýagdaýdaky maýyplygy bolan adamlar, oturymly milletler we çagalar üçin bilimiň we hünär taýýarlygynyň deň derejede elýeter bolmagyny üpjün etmeli.

**Görkeziji 4.5.1:** Deňligiň görkezijileri (aýallaryň we erkekleriň, şäher we oba ýerleriň ýaşaýjylary, bar bolan maglumatlara baglylykda).

**Wezipe 4.a:** Hemme çagalaryň, şol sanda maýyplygy bolan çagalaryň bähbitlerini we gender meselelerini nazara alyp, okuw jaýlaryny döretmek we kämilleşdirmek, hemmeler üçin netijeli, zorlukdan we sosial böwetlerden azat, howpsuz bilim gurşawy bilen üpjün etmek.

**Görkeziji 4.a.1** a) elektroenergiýa; b) okuw maksatly internet; ç) okuw maksatly kompýuterler; d) maýyplygy bolan okuwçylar üçin ýörite infrastruktura we materiallar; e) adaty agyz suwy; ä) gyzlar we oglanlar üçin aýratyn sanitar şertli hajathanalar; f) el ýuwmak üçin esasy serişdeler (BSGG görkezijileriniň talaplaryna laýyk gelýän) bilen üpjün edilen mekdepleriň göterim paýy.

## V. NETIJE

Türkmenistan soňky onýyllyklaryň dowamynda çaganyň has tiz ösýän we kemala gelýän döwri bolan irki çagalyk döwründe zerur bolan iýmit, ideg, ösüşe itergi, öwüt-ündew we gorag bilen üpjün etmek bilen, kiçi ýaşly çagalaryň durmuşyny has-da gowulandyrmakda öňegidişlikleri gazandy.

II bölümde görkezilişi ýaly, 2011–2015-nji ýyllar üçin Milli maksatnamanyň ýörite we umumy wezipeleriniň köpüsi durmuşa geçirildi. Şeýlelikde, Çaganyň irki ösüşi ugrunda has düýpli, bütewi hyzmatlar we syýasat Türkmenistanyň çagalarynyň sagdyn kemala gelmegine, doly derejeli iýmitlenmegine, hemmetaraplaýyn ösen hem-de mekdepde we durmuşda üstünlik gazanmaga ukyply bolmaklaryna, howpsuz gurşawda okamagyna we III bölümde beýan edilişi ýaly, ösüş gazanmagyna ýardam bermekde möhüm orny eýelär. Şeýle-de, Çaganyň irki ösüşiň hili umumadamzat ösüşiniň hem-de Türkmenistanda we onuň çäklerinden daşarda maşgalanyň, jemgyýetçilik we ykdysady durmuşyň ösmegi üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat eder.